#194 (216)
среда, 11 сентября 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



***6-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, döwlet durmuşynyň dürli ulgamlaryny hukuk taýdan kadalaşdyrmaga gönükdirilen kanunlaryň taslamalarynyň işlenip taýýarlanylyşy barada maglumat berdi. Hususan-da, iş toparlarynda Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksine, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna, «Awtomobil ulagy hakynda», «Adalatçy hakynda», «Döwlet gullugy hakynda» Kanunlara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda degişli işleriň alnyp barylýandygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz döwrüň talabyna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamagyň möhüm wezipeleriň biri bolup durýandygyny belledi. Şeýle hem Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegiň zerurdygyna üns çekildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow «Sanly we «ýaşyl» ykdysadyýet — durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmegiň şerti» atly ylmy-amaly maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu forum hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan 2024-nji ýylda geçiriljek sergileriň, ýarmarkalaryň, maslahatlaryň we festiwallaryň Sanawyna laýyklykda, 20-nji sentýabrda geçiriler. Maslahatda ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüşi, maliýe-ykdysady we pul-karz syýasaty, zähmet gatnaşyklary, standartlaşdyryş ulgamy, sanly we «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda amala aşyrylýan çäreler, durmuş goraglylygy ulgamyny sanlylaşdyrmak ýaly ugurlar boýunça çykyşlar göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ykdysady ösüşine bagyşlanan ylmy-amaly maslahata gowy taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi. Forumyň esasy maksady Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri giňden beýan etmekden ybaratdyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, B.Atdaýew, M.Mämmedowa degişli ugurlar boýunça hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, degişli ugurlar boýunça tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa ýurdumyzyň käbir ýokary okuw mekdeplerinde ylmy-amaly elektron žurnallary döretmek işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda alnyp barylýan ylmy barlaglary sanly ulgamyň üsti bilen giň köpçülige ýaýmak üçin Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda «Filologiýanyň meseleleri» atly ylmy-usuly, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda «Innowasiýa ykdysadyýeti we durnukly ösüş» atly ylmy-amaly elektron žurnallary döretmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň wekiliýetiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň şu ýylyň 10-njy sentýabrynda açyljak 79-njy sessiýasyna gatnaşmagyna görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

BMG bilen strategik hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygy nygtaldy. Dünýä bileleşigi ýurdumyzyň howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, syýasy, ykdysady, energetika, ulag we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça sebit hem-de halkara ähmiýetli başlangyçlaryny doly goldaýar. Türkmenistanyň oňyn teklipleri Birleşen Milletler Guramasynyň Kararnamalarynda we beýleki resminamalarynda öz beýanyny tapýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly hyzmatdaşlygy alyp barýandygyny we onuň ýylsaýyn täze mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýer, daşary işler ministrine Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň işine gatnaşmagyna ýokary derejede taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew döwrüň talaplaryna laýyklykda, ulag-kommunikasiýa toplumynyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ulag-kommunikasiýa pudagynyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döwrüň talabyna laýyk getirmegiň möhüm bolup durýandygyny belledi we hödürlenen teklibi goldap, agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## Президент Туркменистана поздравил Президента Федеративной Республики Бразилия

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Федеративной Республики Бразилия Луису Инасиу Лула да Силва и всему народу страны по случаю национального праздника – Дня независимости Федеративной Республики Бразилия.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Луису Инасиу Лула да Силва пожелания крепкого здоровья и счастья, а дружественному народу Федеративной Республики Бразилия – мира, благополучия и процветания.

## *Президент Туркменистана поздравил главу Корейской Народно-Демократической Республики*

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Председателю государственных дел Корейской Народно-Демократической Республики Ким Чен Ыну по случаю национального праздника страны – Дня образования Корейской Народно-Демократической Республики.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил главе Корейской Народно-Демократической Республики Ким Чен Ыну искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу страны – мира, благополучия и процветания.

## *Президент Туркменистана поздравил Президента Республики Таджикистан*

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Таджикистан Эмомали Рахмону и всему братскому народу страны по случаю Дня независимости Республики Таджикистан.

«За годы независимости Республика Таджикистан добилась больших успехов в укреплении своей государственности, улучшении благосостояния народа и повышении авторитета страны на международной арене. Туркменистан придаёт большое значение укреплению традиционно дружественных и взаимовыгодных отношений с Таджикистаном, которые основываются на прочных узах добрососедства, равноправия, уважения и взаимной поддержки», – отметил в своём послании глава государства, выразив твёрдую убеждённость, что совместными усилиями туркмено-таджикское сотрудничество будет и далее развиваться и углубляться на благо двух братских народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов искренне пожелал Президенту Эмомали Рахмону крепкого здоровья, семейного благополучия, счастья, а также новых успехов во всех начинаниях и стремлениях на благо народа Республики Таджикистан.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI MALAÝZIÝANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINI KABUL ETDI

***6-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere garaldy.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, döwlet durmuşynyň dürli ulgamlaryny hukuk taýdan kadalaşdyrmaga gönükdirilen kanunlaryň taslamalarynyň işlenip taýýarlanylyşy barada maglumat berdi. Hususan-da, iş toparlarynda Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksine, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna, «Awtomobil ulagy hakynda», «Adalatçy hakynda», «Döwlet gullugy hakynda» Kanunlara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda degişli işleriň alnyp barylýandygy bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz döwrüň talabyna laýyk gelýän täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamagyň möhüm wezipeleriň biri bolup durýandygyny belledi. Şeýle hem Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegiň zerurdygyna üns çekildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow «Sanly we «ýaşyl» ykdysadyýet — durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmegiň şerti» atly ylmy-amaly maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu forum hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan 2024-nji ýylda geçiriljek sergileriň, ýarmarkalaryň, maslahatlaryň we festiwallaryň Sanawyna laýyklykda, 20-nji sentýabrda geçiriler. Maslahatda ykdysadyýetiň pudaklarynyň ösüşi, maliýe-ykdysady we pul-karz syýasaty, zähmet gatnaşyklary, standartlaşdyryş ulgamy, sanly we «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek ugrunda amala aşyrylýan çäreler, durmuş goraglylygy ulgamyny sanlylaşdyrmak ýaly ugurlar boýunça çykyşlar göz öňünde tutulýar.



Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ykdysady ösüşine bagyşlanan ylmy-amaly maslahata gowy taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi. Forumyň esasy maksady Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleri giňden beýan etmekden ybaratdyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, B.Atdaýew, M.Mämmedowa degişli ugurlar boýunça hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, degişli ugurlar boýunça tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa ýurdumyzyň käbir ýokary okuw mekdeplerinde ylmy-amaly elektron žurnallary döretmek işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda alnyp barylýan ylmy barlaglary sanly ulgamyň üsti bilen giň köpçülige ýaýmak üçin Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda «Filologiýanyň meseleleri» atly ylmy-usuly, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda «Innowasiýa ykdysadyýeti we durnukly ösüş» atly ylmy-amaly elektron žurnallary döretmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň wekiliýetiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň şu ýylyň 10-njy sentýabrynda açyljak 79-njy sessiýasyna gatnaşmagyna görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

BMG bilen strategik hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygy nygtaldy. Dünýä bileleşigi ýurdumyzyň howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, syýasy, ykdysady, energetika, ulag we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça sebit hem-de halkara ähmiýetli başlangyçlaryny doly goldaýar. Türkmenistanyň oňyn teklipleri Birleşen Milletler Guramasynyň Kararnamalarynda we beýleki resminamalarynda öz beýanyny tapýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly hyzmatdaşlygy alyp barýandygyny we onuň ýylsaýyn täze manymazmun bilen baýlaşdyrylýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýer, daşary işler ministrine Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň işine gatnaşmagyna ýokary derejede taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew döwrüň talaplaryna laýyklykda, ulag-kommunikasiýa toplumynyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ulag-kommunikasiýa pudagynyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döwrüň talabyna laýyk getirmegiň möhüm bolup durýandygyny belledi we hödürlenen teklibi goldap, agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ GAZAGYSTAN RESPUBLIKASYNA IŞ SAPARY

2024-nji ýylyň 8-nji sentýabrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň çakylygy boýunça Çarwadarlaryň V bütindünýä oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.

Astananyň Nursultan Nazarbaýew adyndaky Halkara howa menzilinde Hormat garawuly nyzama düzüldi, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministri Olžas Bektenow we beýleki resmi adamlar garşyladylar.

Soňra howa menzilinden türkmen halkynyň Milli Lideriniň awtoulag kerweni «Akorda» köşgüne tarap ugrady. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideriniň Prezident Kasym-Žomart Tokaýew bilen duşuşygy boldy.

Duşuşygyň dowamynda taraplar köpugurly döwletara hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça pikir alyşmaga dörän mümkinçilige kanagatlanma bildirdiler.



Gazagystan Respublikasynyň Baştutany Çarwadarlaryň bütindünýä oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa hoşallyk bildirip, türkmen halkynyň Milli Lideri bilen öz ýurdy üçin şeýle möhüm günde duşuşmaga şatdygyny aýtdy.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Gazagystana sapary häzirki wagtda üstünlikli ösdürilýän we strategik hyzmatdaşlyk derejesine doly laýyk gelýän ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläkde ilerletmekde uly ähmiýete eýedir.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň soňky ýyllarda depginli ösdürilýän döwletara dialogyň pugtalandyrylmagyna goşýan ägirt uly goşandyny belledi. Ýokary derejede yzygiderli geçirilýän duşuşyklar munuň güwäsidir diýip, Gazagystanyň Baştutany aýtdy we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýakynda Astana amala aşyran iş saparynyň ähmiýetini belläp, onuň netijelerine ýokary baha berdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri mähirli kabul edilendigi hem-de dabaraly çärä gatnaşmaga çakylygy üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, ýakyn goňşy ýurt bolan Gazagystana ýene-de bir gezek gelip görmegiň hem-de doganlyk ýurtda geçirilýän çäreleriň hormatly myhmany bolmagyň özi üçin uly mertebedigini belledi. Halk Maslahatynyň Başlygy Astananyň iri halkara çäreleri guramakda ähmiýetli ornuny belledi. Bu çäreler Gazagystanyň dünýä giňişligindäki abraýyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

*(Dowamy 3-nji sahypada).*

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ GAZAGYSTAN RESPUBLIKASYNA IŞ SAPARY

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Prezident Serdar Berdimuhamedowyň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Halk Maslahatynyň Başlygy öz adyndan hem-de döwlet Baştutanymyzyň adyndan Gazagystanyň halkyny ýurduň şeýle wekilçilikli sport forumyny geçirmek hormatyna mynasyp bolmagy bilen gutlady we Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlarynyň ýokary derejede geçirilmegini, bäsleşiklere gatnaşyjylara bolsa uly üstünlikleri arzuw etdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri häzirki zaman dünýäsinde sportuň ählumumy parahatçylygyň berkidilmeginiň, halklaryň we döwletleriň arasynda dostluk, netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagynyň möhüm şertidigini belledi. Halk Maslahatynyň Başlygy Çarwadarlaryň bütindünýä oýunlarynyň ähmiýeti barada aýtmak bilen, onuň çarwa taýpalarynyň medeni aýratynlyklarynyň saklanyp galmagyna, gaýtadan dikeldilmegine ýardam berýändigini, dürli ýurtlaryň wekilleriniň gadymy däp-dessurlar bilen tanyşmagy üçin giň mümkinçilikleri döredýändigini belledi.

Soňra Türkmen halkynyň Milli Lideri Çarwadarlaryň bütindünýä oýunlarynyň açylmagynyň öňüsyrasynda, has anygy, 6-njy sentýabrda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilendigine ünsi çekdi. Munuň özi biziň ählimiz üçin goşa baýramçylykdyr diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri bu resminamanyň BMG-niň çäklerinde sport diplomatiýasyny amala aşyrmak üçin ygtybarly binýadyň döredilmegine gönükdirilendigini belledi.

Halk Maslahatynyň Başlygy bu meselede goldaw berendigi hem-de awtordaşlygy üçin gazak tarapyna tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew hoşniýetli sözler üçin hoşallyk bildirip hem-de hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedowa mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Gurbanguly Berdimuhamedowy BMG-niň Kararnamasynyň kabul edilmegi bilen gutlady.

Özara ynanyşmak ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda ozal gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilişi ara alnyp maslahatlaşyldy. Söhbetdeşler abraýly halkara we sebit guramalarynyň çäklerinde depginli ösdürilýän hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça hem pikir alyşdylar.

Taraplar gatnaşyklaryň döwrüň talaplaryna laýyklykda mundan beýläk-de ösdürilmeginiň zerurdygyny nygtadylar.

Hökümetara toparyň hem-de işewürlik geňeşiniň alyp barýan netijeli işlerine, daşary syýasat edaralarynyň arasynda yzygiderli esasda geçirilýän geňeşmelerdir duşuşyklara hem üns çekildi. Ýurtlaryň wekiliýetleriniň Türkmenistanda we Gazagystanda guralýan ykdysady ugurly iri forumlara gatnaşmagynyň ähmiýeti bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, Halk Maslahatynyň Başlygy ýakynda Aşgabatda maýa goýum forumynyň geçiriljekdigini aýdyp, oňa köp ýurtlaryň wekilleriniň, şol sanda Gazagystanyň hem wekiliýetiniň gatnaşmagyna garaşylýandygyny belledi.

Taraplar medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygy hem ara alyp maslahatlaşdylar. Ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygyna, däp-dessurlaryň meňzeşligine, özara düşünişilmegine esaslanýandygy bellenildi.

Astanada beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň açylmagy hem-de Aşgabatdaky «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumynda Gazagystanyň meşhur döredijilik işgärleriniň biri Kurmangazy Sagyrbaýulynyň heýkeliniň oturdylmagy hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň aýdyň mysalydyr.

Halk Maslahatynyň Başlygy bu baradaky gürrüňi dowam edip, türkmen paýtagtynyň ajaýyp künjekleriniň birinde — Astana köçesinde meşhur gazak şahyry Abaý Kunanbaýewiň ýadygärliginiň oturdyljakdygyny habar berdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi Türkmenistana sapar bilen gelmäge hem-de Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp geçiriljek dabaralara gatnaşmaga çagyrdy.

Gazagystanyň Baştutany çakylygy hoşallyk bilen kabul edip, Aşgabatda geçiriljek duşuşygyň hem-de onuň jemleri boýunça gazanyljak ylalaşyklaryň türkmen-gazak hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine ýardam etjekdigine ynam bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, Gazagystanyň Prezidentiniň şu ýylyň oktýabrynda Türkmenistana amala aşyrjak saparyna taýýarlyk meselelerine garaldy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri we Prezident Kasym-Žomart Tokaýew Türkmenistanyň hem-de Gazagystanyň halklaryna parahatçylyk, ösüş, abadançylyk baradaky arzuwlaryny beýan etdiler.

# Türkmenistan Halkara awtomobil ulaglary bileleşigi bilen özara gatnaşyklara ygrarlydyr

2024-nji ýylyň 6-njy sentýabrynda Türkmenistanyň DIM-de Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Halkara awtomobil ulaglary bileleşiginiň (IRU) Baş sekretary Umberto de Prettonyň arasynda duşuşyk geçirildi.



Duşuşygyň barşynda taraplar Türkmenistan bilen IRU-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesini bellediler, şeýle-de multimodal ulag-üstaşyr geçelgelerini we halkara logistika merkezlerini ösdürmek, şol sanda ulag ulgamyny sanlaşdyrmak arkaly ýurtlaryň arasyndaky özara baglanyşygy gowulandyrmak boýunça geljekki hereketleri kesgitlediler.

Taraplar BMG-niň çäklerindäki özara gatnaşyklary ara alyp maslahatlaşdylar we Türkmenistanyň başlangyjy bilen döredilen Durnukly ulagyň dostlary toparynyň işi barada pikir alyşdylar.

Umberto de Pretto Türkmenistanyň sebit derejesinde ulag infrastrukturasyny kämilleşdirmäge ygrarlydygyny we halkara resminamalaryna goşulyşmak arkaly onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýändigini belledi.

Şeýle-de taraplar bilermenleriň mümkinçiliklerini giňeltmek we hyzmatdaşlygyň şertnamalaýyn-hukuk binýadyny ösdürmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Noýabr aýynda Aşgabat şäherinde Bütindünýä durnukly ulag güni mynasybetli geçiriljek halkara maslahatyna taýýarlyk görmek meselesi hem ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň dowamynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisinde Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlarynda öz beýanyny tapan durnukly ulag pudagy boýunça Türkmenistanyň başlangyçlaryny durmuşa geçirmegiň ýollaryna hem garaldy.



# Meeting in Ashgabat with the Minister of Foreign Affairs of Malaysia

On 9 September 2024, Minister of Foreign Affairs Rashid Meredov met with the delegation of Malaysia headed by Minister of Foreign Affairs Dato' Seri Utama Haji Mohamad Bin Haji Hasan at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

During the meeting, the sides discussed issues of further activation of the long-standing partnership based on the principles of mutual respect and consideration of interests. The parties reviewed the political and diplomatic cooperation, including interaction within the framework of international structures, in particular the UN and the OIC.

The sides noted the closeness of positions on a number of aspects of the regional and international agenda.

The ministers discussed trade and economic ties, as well as cooperation in science, culture and tourism.

Интернет газета
Международные новости

## Состоялась встреча с Региональным представителем УВКПЧ ООН для Центральной Азии

4 сентября 2024 года состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Ахмета Гурбанова с Региональным представителем Управления Верховного Комиссара ООН по правам человека для Центральной Азии (УВКПЧ ООН) Матильдой Богнер.

В ходе встречи стороны обменялись мнениями по дальнейшему укреплению взаимодействия между Туркменистаном с УВКПЧ



ООН. В этом контексте было подчеркнуто, что в целях дальнейшего совершенствования демократических институтов, эффективного выполнения обязательств в области прав человека, Туркменистан осуществляет многоплановое партнерство с соответствующими международными организациями.

Были рассмотрены вопросы деятельности Межведомственной комиссии по обеспечению выполнения международных обязательств Туркменистана в области прав человека и международного гуманитарного права.

Кроме того, обсуждены задачи по претворению в жизнь «Национального плана действий по правам человека в Туркменистане на 2021-2025 годы», «Национального плана действий по гендерному равенству в Туркменистане на 2021-2025 годы», «Национального плана действий по реализации прав детей в Туркменистане на 2023-2028 годы».

Участники встречи обсудили итоги диалогов в рамках Комитета по ликвидации дискриминации в отношении женщин, Комитета по правам ребенка, также подчеркнули намерение сотрудничать по реализации рекомендаций представленных по результатам диалогов на системной основе.

Собеседники выразили заинтересованность в расширении сотрудничества с ООН по направлению «Образование в области прав человека».

## On the visit of the Turkmen delegation to Helsinki

On 5 September 2024, a round table with the participation of leading Finnish companies «Finnish Water Forum», «Watermaster», «Wärtsilä», «Agronic Oy», «Reorbit», Finnish Meteorological Institute and others was held in Helsinki in the premises of the EastCham Finland.

At the event, the Turkmen delegation was headed by Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Myahri Byashimova, and the Finnish side was led by Director General of «EastCham Finland» Ms. Jaana Rekolainen.

During the speech, the Turkmen delegation noted the successful cooperation with Finnish companies. A proposal was voiced to establish cooperation in such areas as energy, logistics, transport and communications, agriculture and water management, industry, innovative technologies, renewable energy, healthcare and medical industry, «smart cities», meteorology, education and others.

Speaking about the mechanisms of economic cooperation, the Turkmen delegation proposed to establish cooperation between the Chambers of Commerce and Industry of the two countries, organize mutual visits of business delegations, and consider the possibility of establishing the Turkmen-Finnish Business Council.

In turn, the Finnish side confirmed its interest in cooperation with Turkmenistan.

On 6 September, Turkmen-Finnish political consultations were held in the building of the Ministry of Foreign Affairs of Finland.



At the beginning of the meeting, the Turkmen delegation met with Ms Outi Holopainen, Under-Secretary of State, Foreign and Security Policy of the Ministry of Foreign Affairs of Finland.

The sides noted their common strive to develop mutually beneficial cooperation in all areas of joint interest.

During the inter-MFA consultations with Mr. Jari Sinkari, Director General of the Asia and Oceania Department of the Ministry of Foreign Affairs of Finland, a wide range of issues related to the current agenda were discussed, including interaction within the framework of international organizations such as the UN, OSCE and the EU, as well as the intensification of trade and economic cooperation, establishment of contacts in the field of culture and education.

In regard to inter-MFA cooperation, the sides agreed to prepare a legal basis for regular consultations between the foreign ministries of the two countries.

On the same day, separate meetings were held with Mr. Ville Skinnari, Head of the Friendship Group with Turkmenistan in the Parliament (Eduskunta) of the Republic of Finland and members of the Group, as well as Mr. Ville Kaunisto, Head of the Finnish Delegation to the OSCE Parliamentary Assembly in the Parliament (Eduskunta) of Finland and its members.

During the talks with the Friendship Group, the sides discussed possibilities for establishing inter-parliamentary dialogue, organizing mutual visits, and exchanging experience in the legislative field.

At the meeting with the Finnish delegation to the OSCE PA, the Finnish side informed the Turkmen delegation about the main vectors of its chairmanship in the OSCE in 2025. In this context, the sides agreed on the need to intensify contacts between parliamentarians within the framework of the organization.

During the visit, a brief meeting was also held with the Minister for Foreign Trade and Development of Finland Mr. Ville Tavio.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В Карачаево-Черкесском университете учредили стипендию имени Махтумкули Фраги для иностранных студентов*

Стипендия имени классика туркменской литературы Махтумкули Фраги учреждена в Карачаево-Черкесском государственном университете им. У. Алиева (КЧГУ) для иностранных студентов.

Было отмечено, что претендовать на ежемесячную стипендию в размере 10 тысяч рублей смогут лучшие иностранные учащиеся - отличники учебы и активисты общественной деятельности. Первые сертификаты вручены магистрантке естественно-географического факультета Алтын Бекмырадовой и аспирантке института филологии Огулнар Тораевой.

В Карачаево-Черкесском государственном университете имени У.Д. Алиева ежегодно получают высшее образование сотни студентов из Туркменистана. Многие из них - участники всероссийских и международных конференций, победители спортивных соревнований, активные участники студенческой жизни Карачаево-Черкесии и России. При этом они не забывают про многовековые традиции своего народа и знакомят на вузовских мероприятиях с богатой культурой и обычаями Туркменистана.

### *AMC Overseas может посодействовать экспорту из Туркменистана на Ближний Восток и в Африку*

Посол Туркменистана в ОАЭ Сердармаммет Гараджаев встретился с директором международной компании AMC Overseas Сувра Чакраборти. Основной темой встречи стало обсуждение участия AMC Overseas, головной офис которой находится в Дубае, в Инвестиционном форуме Туркменистана, который состоится на следующей неделе в Ашхабаде.

Также обсуждалась возможность расширения деятельности AMC Overseas в Туркменистане. Сувра Чакраборти выразил заинтересованность в этой возможности, стороны обсудили потенциал AMC Overseas в содействии экспорту товаров и продуктов питания из Туркменистана на рынки Ближнего Востока и Африки.

AMC занимается торговлей и инвестициями в странах СНГ с 1996 года, поставками сырья и сельскохозяйственной продукции для отраслей промышленности по всему миру, продвижением продукции стран СНГ на мировые рынки.

### *В Брюсселе прошла встреча послов стран Центральной Азии и арабских государств Залива*

В Брюсселе, столице Европейского Союза, состоялась первая встреча послов стран Совета сотрудничества арабских государств Залива (ССАГЗ), Центральной Азии и Монголии. Мероприятие стало важной платформой для обсуждения вопросов межрегионального сотрудничества и укрепления экономических и политических связей между этими регионами.

Одним из ключевых пунктов повестки дня стало обсуждение итогов саммита лидеров ССАГПЗ — Центральная Азия, который прошел в июле 2023 года в Саудовской Аравии. На саммите была подчеркнута важность развития экономического партнерства, особенно в сферах торговли, инвестиций и транспортно-логистических сетей. Участники отметили, что достигнутые соглашения и инициированные форматы открывают новые возможности для реализации крупных инфраструктурных и энергетических проектов.

Особое внимание на встрече было уделено вопросам укрепления взаимодействия с Европейским Союзом, а также предстоящим саммитам ЦА-ЕС и ССАГЗ-ЕС. Участники обменялись опытом сотрудничества с институтами ЕС и отметили положительную динамику в развитии межрегиональных связей с Европейским Союзом. В завершении встречи стороны подтвердили приверженность продолжению диалога и укреплению сотрудничества.

### *Афганистан готовится к запуску важных проектов с Туркменистаном*

Посол Туркменистана в Кабуле Ходжа Овезов встретился 8 сентября с министром связи и информационных технологий Афганистана Наджибулла Хаятом Хаккани, обсудив с ним вопросы, связанные с реализацией совместного проекта по прокладке линии оптико-волоконной связи.

Накануне, в Кабуле состоялось первое заседание комиссии, созданной афганским руководством по совместным с Туркменистаном проектам – газопровода ТАПИ, линий электропередачи и оптоволоконной связи ТАП, а также железной дороги, сообщила пресс-служба афганского МИД.

Заседание прошло под председательством министра иностранных дел Амир Хана Муттаки, в нем приняли участие представители служб безопасности, министерств шахт и нефти, общественных работ, информации и культуры, связи и информационных технологий, Афганской электроэнергетической компании. Встреча была посвящена всестороннему обсуждению предстоящей церемонии запуска проекта ТАПИ на территории Афганистана и ряда других ключевых в сотрудничестве с Туркменистаном.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*